# Tire meñzedi

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tire meñzedi TIRE MEÑZEDI

Her naýynsabyñ gözleri
Göýä ki tire meñzedi.
Mydam gybatdyr sözleri
Mysal hynzyra meñzedi.

Bolupdyr şeýle zamana,
Lukmalar döndi harama,
Talañ salyp musulmana,
Ogrular şire meñzedi.

Gezmediler şerge garap,
Bezendiler sakgal darap,
Ak don geýip, selle orap,
Her jögi pire meñzedi.

Gitdi barçanyñ ynsaby,
Ýada düşmän ölüm howpy,
Ýa molla bolsun, ýa sopy,
Haram harç iýre meñzedi.

Bilmeýen ýagşy-ýamany,
Atyp taşlarlar imany,
Gozgazañ her musulmany,
Ant-kasam diýre meñzedi.

Güman sözler geldi dile,
Niçe işler doly ile,
Oşol melgun şeýtan bile,
Deçjal ýörire meñzedi.

Seýdi aýdar, bu haly,
Sust boldy yslamyñ ýoly,
Öwsüp kyýamat şemaly,

Dag-daş erire meñzedi.

Seýitnazar SEÝDI. Goşgular